# Ýakymsyz ys alýandygy üçin lukmana görnen ýetginjegiñ burnundan gülle çykdy

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ýakymsyz ys alýandygy üçin lukmana görnen ýetginjegiñ burnundan gülle çykdy ÝAKYMSYZ YS ALÝANDYGY ÜÇIN LUKMANA GÖRNEN ÝETGINJEGIÑ BURNUNDAN GÜLLE ÇYKDY




***Operasiýadan soñ ýaş ýigidiñ burun dokumasynyñ öñki ýagdaýyna gelendigi aýdyldy***.

Birnäçe ýyllap burny dykylyp we sümgürinende burnuna «ýakymsyz yslar» alýan ýetginjegiñ burnunda sekiz ýyldan soñ sapança okunyñ galandygy ýüze çykdy.

«Science Alert»-iñ habar bermegine görä, ýetginjek alamatlar bildirip başlandan birinji gezek on bäş ýaşynda lukmana göründi. «JAMA Otolaryngology – Head & Neck Surgery»

žurnalynyñ 18-nji fewralynda çykan sanynda çap edilen makalada ýetginjegiiñ birnäçe ýyllap burnunyñ dykypandygy we ys alyjylyk duýgusynyñ peselendigi aýdylýar.
Ýetginjegiñ burnuny ujuna kamera dakylan enjam bilen barlap gören lukmanlar burundaky dar aralyklaryñ giñelendigini anyklady. Bu ýagdaý käte möwsümleýin allergiýalara ýa-da burun boşluklarynyñ sowuklamasyna (gaýmorit) sebäp bolup bilýär.
Lukmanlar ýetginjege burun spreýini we antihistamin ýazyp berip, 4-6 hepdäniñ dowamynda gaýtadan gelmegi maslahat berdiler. Bir ýyla golaý wagt geçenden soñam 16 ýetginjegiñ burnunda öñki ýaly ýagdaý dowam edýärdi. Makalanyñ awtorlary ýetginjegiñ burnuny sümgürinende «öýjükleri ýiti, ýaramaz ysyñ dolduryandygyny» aýtdylar.
Awtorlar şeýle ýazdylar:
«Näsag dem alşy ýaramaz dälem bolsa, her sümgürinende burnunyñ öýjüklerini dolduryan ýakymsyz ysdan utanýandygyny aýtdy.
Lukmanlar onuñ burnuny tomografiýa düşürdi we burun boşlugynda 9 mm-lik jisimiñ bardygyny bildi. Ýetginjek has soñra sapançanyñ okudygyny belli bolan jisimi aýyrtmak üçin operasiýa boldy.
Näsagyñ maşgalasy bilen gepleşilip görlende, ýetginjegiñ 8-9 ýaşlarynda burnundan atylandygy mälim boldy.
Gürrüñi edilen makalanyñ awtorlaryndan Tehas uniwersitetiniñ Saglyk bilimi merkezinden Dylan Z.Erwin burna gaçan jisimleriñ ýaramaz yslaryñ döremegine sebäp bolup biljekdigini, çünki bular ýaly jisimleriñ tebigy kanallaryñ öñüni baglap, hapa-hupalaryñ we bakteriýalaryñ üýşmegine sebäp bolýandygyny aýtdy.
Erwin bular ýaly üýşmeleriñ hemişe oda ýa-da başga alamatlara sebäp bolmaýandygy üçin barlag wagtynda gözden sypyp biljekdini aýtdy.
Makalada bular ýaly şikes almalaryñ köp duş gelýändigi aýdylsa-da, gürrüñi edilen wakanyñ birnäçe ýyl öñ bolup geçendigi sebäpli öñ duş gelmedik ýagdaýdygy nygtaldy. Operasiýadan soñ ýetginjegiñ burun dokumasynyñ öñki ýagdaýyna gelendigi we ýaramaz ysyñ aýrylandygy habar berildi.

# «Science Alert» žurnaly, 08.03.2021 ý. Geň-taňsy wakalar